# Keýmir körüň şarpygy

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Keýmir körüň şarpygy KEÝMIR KÖRÜŇ SYNAGY…

Bir gezek üç sany gelin ogullaryny ýanyna alyp, çeşmä suw almaga barypdyr. Kädilerini suwdan dolduryp, ugramakçy bolanlarynda, golaý ýanlaryndan Keýmir körüň geçip barýanyny görüpdirler. Kädilerini ýerde goýup, «Sen aýt-da sen aýt» bolşupdyrlar. Ahyryn dilewarrak biri:

– Keýmir aga, aýak çekiň – diýipdir. Keýmir kör atdan düşüpdir-de:

– Näme gyzym, aýdyberiň, çekinmäň – diýipdir.

Ýene-de ýaňky dilewar gelin gürläpdir.
– Biziň ogullarymyz nähili adam borka, şony bilip beräýseňiz…

Keýmir kör başyny ýaýkap, ýylgyrypdyr:
– Be-e, gyzym, öz-ä kyn mesele eken… Aý, näme, şoň bilen göwnüňiz bitýän bolsa, synanyp göräýmeli bor…

Ol şeý diýipdir-de, birinji gelniň ogluny ýanyna çagyryp, sen-men ýok dulugyna çalypdyr. Oglanjyk aglamagyň deregine jykyrdap gülüpdir.
Keýmir kör bir «hä-ä…» diýipdir-de, ikinji oglanjygy urupdyr. Oglanjyk uly ili bilen möňňüripdir. Üçünji oglanyň dulugyna çalnan şarpyk beýleki oglanlaryňkydan has gaty bolupdyr. Emma ol garaja gözüni uçganakladyp, dişini gysypdyr, ýumrugyny düwüpdir. Soňundanam ulu adam ýaly, iki-üç gezek ýuwdunypdyr. Serdar gelinlere ýüzlenip:

– Meni gürledip nätjek, hemmesini özüňiz gördüňiz – diýipdir. Gelinler razylaşmandyrlar.

– Büçe bolanyna görä aýdyň diýipdirler.
– Aýsam şeýle – diýip, Keýmir kör söze başlapdyr. – Başarsaňyz

dulugyna çalnanda gülýän ogul dogurmañ. Plar binamys bor… Ýañky urlanda aglaýan oglanam il derdine ýarap duran adam-a bolmaz. Ýöne, näme, daşyny dolap dursañ, bir adam çeni bor-la…Üçünji oglany gördüñizmi? Ol nämeden ýuwdunýandyr öýdýäñiz?.. Onda ýigdiñ namysy bar. Häzirem hanha, gözüne serediñ: şindem köşeşenok, onuñ ýaşajyk ýüregi mynçgalanyp dur. Başaryp bilseñiz şoñ ýaly ogul doguryñ. Olar il ogly, ýurt ogly bolar! Halk döredijiligi we rowaýatlar